# Gördüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gördüm GÖRDÜM

Öňkülerimden ir oýanypdyryn,
Girýän-çykýan, hiç bir zatda gyzyk ýok.
Öňe-yza ýöräp yz goýup ýörün,
Kalbym çaýkanyp dur, serde tizlik ýok.

Alasarmyk meniň duýgylarym-da,
Pikirlermiň başyň jemläp bilemok.
Ýüzün asan ýaly ogullarym-da,
Bir zatlar diýip ýa ümläp bilemok.

Hem sergin säherden serhoş ýaly men,
Çilimmiň tüssesem dörjeýär huşum.
Boljak bolýan bir göwni hoş ýaly men,
Gussa batyryp dur gijeki düýşüm.

Penjirämden bakdy nurana kişi,
«Öýe giriň» diýdim başyn ýaýkady.
Bilibem-bilmedim ulumy, kiçi,
Salamym almady, salam bermedi.

Müýnli garap duran gözlerni söýdüm,
Huşda gör men ýaly mylaýym keşbi.
Ýigrimsekiz ýaşly kakamy gördüm,
Düýş-dä, diňe nazarlarmyz sözleşdi. Goşgular